# Ýagyşym

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýagyşym ÝAGYŞYM



Men bu ýagşyň haýsy damjasyndakam,
Ýa bireýýäm siňdimmikäm zemine.
Ýa ternawa ýapşyp, inmejek bolup,
Jebir çekip, aglaýanmy henizem?
Haýsy damjaň astynda meň arzuwym,
Ýa asmana uçup giden perişde
Özi bilen äkitdimi ruhumy,
Arzuwlarmam gara ýere siňdirip,
Unutdymy, gaçyrdymy, neçünkä.
Emedekde ot içine eňdirip,
Unduldymy goralanym geçinçäm.

Bu diňmedik ýagşy saklap bir birden,
Damjalardan gözlemekçi özümi.

(Wah maňa galsady…) jomart
pederden,
Sorap almakçydym kalba dözümi.

Belki şonda almaşardym damjamy,
Gaçan arzuwlarmy çöpläp bererdim
Şol perişdä. Mazarymda gunçany
Dünýä bagş eýläp, kökne siňerdim.
Belki şonda, heniz diňmedik ýagşa,
Edil, zemin ýaly gujak gererdim.

Men bu ýagşyň haýsy damjasyndakam,
Ýa bireýýäm siňdimmikäm zemine.
Ýa ternawa ýapşyp, inmejek bolup,
Gara ýerden gorkupdurnmy henizem?

Eziz AMANNAZAROW Goşgular